# Abadýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Biziň eýýamymyzdan öň 586-njy ýylda Iýerusalim şäheri babyllylar tarapyndan weýran edilýär. *Abadýa pygamberiň kitaby* hem şu wakalaryň bolup geçen döwründen soň ýazylypdyr diýip hasaplanylýar. Iýerusalimiň weýran edilmegine ysraýyllaryň gadymy duşmany bolan edomlylar gaty begenýärler. Olar diňe begenmek bilen çäklenmän, basybalyjylara kömek berip, şäheri talaýarlar. Abadýa pygamber Hudaýdan ylham alyp, ysraýyl halkynyň duşmanlary bolan edomlylaryň we beýleki halklaryň jezalandyryljakdygy barada pygamberlik edýär.

**Mazmuny**


Edom ýurduna garşy pygamberlik1:1-14
Rebbiň güni 1:15-21


## 1-nji bap

### Edom ýurduna garşy pygamberlik

1 Abadýa gelen aýanlyk.

Hökmürowan Reb Edom barada şeýle diýdi:
«Milletlere wekiliň iberilendigine habar geldi.
Rebden gelen wekiliň: „Turuň, Edoma garşy söweşe
çykalyň!“ diýen habaryny eşitdik.
2 Edom, Men seni halklaryň arasynda iň pesi ederin
sen bütinleý ryswa bolarsyň.
3 Tekepbir ýüregiň aldady seni.
Sen belentde, gaýalaryň howpsuz ýerinde ýaşaýaň,
„Meni pese — ýere kim düşürer?“ diýip, kalbyňdan
aýdýaň.
4 Eger sen bürgüt deýin ýokary galsaň-da,
Höwürtgäňi ýyldyzlaryň arasynda goýsaň-da,
Ol ýerden Men seni aşak düşürerin!»
Muny Reb aýdýandyr.
5 «Seniň içiňe ogrular girdimi ýa gijeki talaňçylar?
Ogrular diňe özüne geregini ogurlamazlarmy?
Eger üzüm bagyňa girseler,
saňa-da miweden galdyrmazlarmy?
Emma sen nähili weýran bolduň!
6 Ysaw nesli niçik talandy,
onuň hazynasy dörüldi.
7 Sen bilen salamatlykda ýaşanlar seni aldadylar.
Ähli arkadaşlaryň seni serhetden çykardylar.
Bile duz iýşen adamlaryň senden rüstem çykdylar.
Muny sen aňşyrmadyň».
8 «Şol gün
— Reb aýdýandýr.
Men Edomyň akylly adamlaryny
we paýhasa düşünýänlerini
Ysaw dagynda gyrmanmy?

9 Teýman, seniň batyrlaryňy gorky-howsala basar.
Olaryň bary Ysaw dagynda gyrlyp ýok ediler.

10 Doganyň Ýakubyň nesline zalymlyk edeniň üçin,
bütin betnam bolarsyň we ebedi ýok edilersiň.
11 Kesekiler olaryň emlägini talan gününde,
sen kesede durup seretdiň.
Gelmişekler derwezeden girende,
Iýerusalim üçin bije çekilende,
sen-de olaryň birisi ýaly bolduň.
12 Doganyň — Ýahudanyň nesliniň
betbagt gününde gülmeli däldiň.
Olara bela inen gününde,
sen heşelle kakmaly däldiň.
Olaryň hasrat gününde magtanmaly däldiň.
13 Sen Meniň halkyma bela gelen gününde,
olaryň derwezesinden girmeli däldiň.
Olaryň gyrgynçylyk gününe içiňden begenip seretmek,
heläkçilik gününde olaryň emlägine galtaşmak
hiç dogry däldi.
14 Ýoluň çatrygynda durup,
gaçan adamlary tutmaly däldiň.
Hasrat gününde aman galanlary
duşmana bermeli däldiň.

### Rebbiň güni

15 Çünki, Rebbiň ähli halklara höküm etjek güni
golaýlap gelýär.
Edom, näme eden bolsaň, saňa-da şol bolar.
Edeniň başyňa düşer.
16 Çünki, siz, ýahudalar,
Meniň mukaddes dagymda içdiňiz.
Ähli halklar-da hemişe şeýle içerler we ýuwdup,
asla bolmadyk ýaly bolarlar.
Sebäbi jeza käsesinden içerler.

17 Ýöne Sion[1] dagynda jezadan halas galanlar bolar
we Sion dagy mukaddes bolar.
Ýakubyň nesli öz mülküne gowşar.
18 Ýakubyň nesli ot bolar, Ýusubyň zürýady alawa
döner.
Oduň samany ýakyşy ýaly, olar Ysawyň neslinden yz
goýmaz.
Ysawyň ilinden gutulany bolmaz.
Çünki muny Reb aýtdy.
19 Negep çölüniň halky Ysaw dagyny eýelär.
Baýyrlykdaky adamlar piliştleriň topragyny eýelärler.
Olar Efraýym hem Samariýa topragyna çenli
ýeterler.
Benýamin nesli Gilgady eýelär.
20 Sürgün edilen ysraýyl söweşijileri
Kenganyň Sarepata çenli ýerlerine eýe bolarlar.
Iýerusalimden Separada sürgün edilenler Negepdäki
galalary eýelärler.
21 Ýeňijiler Ysaw daglarynyň üstünden höküm
sürmek üçin,
Sion dagynyň üstüne çykarlar.
Patyşalyk Rebbiňki bolar».

---

[1] **1:17** ***Sion*** — bu Iýerusalim üçin başga at. Sözlüge seret.